# Biwepa gyza

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Biwepa gyza BIWEPA GYZA




Daňdan.
Işe barýan, alagaraňky.
Keýpimi durlaýar sowujak howa…
Ne sebäpden hakydamy ýyladyp,
Geçip giden günleň astynda sowan,
Pursatlar ýadyma girip geldikä!
Daňdan äden sanalgyja ädimlem
Munça pursatlary haýsy günleriň,
Jübilerin döküp tirip geldikä?!
Eý meniň terk eden mähriban söýgim!
Eý meniň terk eden beýik ýigrenjim!
Ne sebäpden düşdüň bu gün ýadyma,

Unutdyryp çeken jepaýu-renjim.

Unudypdym azaplaryň baryny,
Serhoşkaň berilen wadalar ýaly.
Telim gezek çaknyşypdy göwnümiz
Meýlisdäki näzik badalar ýaly…
Bolar!
Ýatlanyňa degmeýändir kän günler.
Ýatlanyňa degýän günler hem kändi.
Lebin dişläp bizi duşuran ykbal,
Wagtynda aýňalyp lebzinden dändi…

Geçip giden üç-dört ýylyň içinde,
Gözläp-gözläp ir mahalky özümi,
Çöpläp köçelerden böleklerimi,
Dikeltdim men bir mahalky özümi.

Ýatlamaga sebäp ýokka şu mahal,
Nämüçindir birden seni ýatladym…

Akmyrat JUMAÝEW. Goşgular